# Owganystanda 20 ýyla çeken amerikan okkupasiýasy döwründe näçe adam öldi?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Owganystanda 20 ýyla çeken amerikan okkupasiýasy döwründe näçe adam öldi? OWGANYSTANDA ÝIGRIMI ÝYLA ÇEKEN AMERIKAN OKKUPASIÝASY DÖWRÜNDE NÄÇE ADAM ÖLDI?

ABŞ-nyň Owganystanda iň uzak wagtlap urşan ýigrimi ýyllyk urşunda 2.400-den gowrak amerikan esgeri wepat boldy.
«Ассошиэйтед Пресс» («Associated Press») habarlar agentligi 31-nji awgusta çenli goşunlaryny doly çykarmakçy bolýan ABŞ-nyň ýigrimi ýylyň soňunda çeken zyýanlaryny hasaplady.
ABŞ-nyň 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda bolan terrorçylykly aktdan soň Owganystana goşun salmagy iki ýurtda-da öwezini dolup bolmajak uly ýitgilere getirdi we uruşda häzire çenli 172 müňden gowrak adam öldi.
ABŞ ýigrimi ýyla çeken uruşda 2 müň 448 esgerini ýitirdi, ABŞ-nyň hasabyna işleýän owganystanlylaryň bolsa 3 müň 846-sy wepat boldy.
Uruşdan iň uly zyýany ýönekeý owgan raýatlary çekdi we 47 müň 245 owganystanly raýatyň ömür tanapy üzüldi.

- **66 müň owgan esgeri wepat boldy**

Talibanlaryň garşysynda ýeňlişe uçran owgan goşunynda 66 müňe golaý esger wepat boldy, talibanlardan we beýleki garşydaş toparlardan bolsa 51 müň 191 adam öldi.
Owganystanda harby bölümlerini saklaýan NATO-nyň we beýleki ýurtlaryň 1114 esgeri wepat boldy.

- **72 žurnalist wepat boldy**

Şol sanda Owganystanda häzire çenli gumanitar kömek bermek

üçin baranlaryñ 444-i, žurnalistleriñ 72-si wepat boldy.
ABŞ-nyñ iñ uzak wagta çeken urşunda amerikan esgerleriniñ Owganystandan çykmagyna az wagt galanam bolsa, urşuñ trillion dollarlara barabar zyýanynyñ yzasyny amerikanlar heniz-henizler çekjege meñzeýär.
ABŞ-nyñ 2020-nji ýyldan bäri bergä girip maliýeleşdiren owgan we yrak uruşlarynyñ çykdajysy 2 trillion dollardan geçýär, 2050-nji ýyla çenli bolsa bu berginiñ göteriminiñ 6,5 trillion dollara ýetmegine garaşylýar.

@ euronews • 17.08.2021. Publisistika